# كتاب العلم

# زهير بن حرب النسائي

**Terjime eden: (Allanyň rehmedine umyt baglaýan bende).**

**Alla olaryň ählisine we şu kitaby okanlaryň ählisine rehim etsin.**

**المترجم: العبد الراجي رحمة ربه**

**رحمة الله على الجميع.**

Adamzat taryhynda we onuň medeni mirasynda, ýitip gitmejek zatlar köpdür, şoňa mysal edip Abdylla ibn Mübärek, Ahmet ibn Şugaýp Nesaýy, Ahmet ibn Muhammet ibn Hanbal, Osman Gaýmaz Zehebini ýatlamak bolar, şol wagtyň özünde hem olaryň çuň pikirli köp manyly döreden işleri käbir sebäplere görä ýatdan çykarylan. Ýöne welin milletiň galkynmagy bilen şol unudulan milletiň göz-guwanjy bolan baýlyk, başga görnüşde, döreden adama sylag-hormat hökmünde gaýdyp gelýändir, bu bolsa halk özüniň medeni-mirasyna mätäçdigini görkezýär.

Şeýle adamlaryň biri täze galkynyşlar zamanasynda ady äşgär bolan Nusaýly alym Abu Haýsama Zuhaýr ibn Harbdyr. Çeşmelerde bu alym barada gaty az maglumat berilen, ýöne bar bolan maglumatlara ser salsaň kitabyň awtory ylymly-bilimli, il arasynda sylag-hormata eýe bolandygyny görmek bolýar, hatda ymam Ahmet ibn Şugaýp Nesaýy özüniň berkligi bilen belli bolan bolsa-da ymam Zehebi we onuň ussady Abu Hajjaj Mizzi ony öwendir diýip ýatlaýarlar. Çünki Abu Haýsamanyň göreldeli, ökde alym bolup ýetişmegine uly rolyň birini onuň ussatlary oýnaýandyr. Onuň ussatlaryndan: „Yshap ibn Isa Tabbag, Ysmail ibn Uleýýa, Bişir ibn Siriý, Jerir ibn Abdylhamyt, Sufýan ibn Uýeýna, Hafs ibn Kyýas, Abdyrahman ibn Mehdi, Affan ibn Muslim, Magla ibn Mansur Razi ýaly belli ussatlardyr.

Abu Hajjaç Mizziý özüniň: „Tehzib al-Kemal” atly kitabynda şu parlak ýyldyzyň 63-e golaý ussadynyň bolandygyny ýatlap geçýär.

Her bir alymyň öz okuwçylary bolýandyr, ýöne onuň aýratyn okuwçylary bolmalydyr. Zuhaýr ibn Harbyň göreldeli alym bolandygyny subutnamalaryň biri hem ymam Muslim öz „Sahyh Muslim” atly eserinde hususan şu ussadyndan müňden hem köp hadysy getirýär, bu bolsa alymyň beýik derejede bolandygyny görkezýär.

Indi alymyň şägirtleri barada ýatlap geçeliň, tanymal şägirtlerinden: „Muhammet ibn Ismail Buhary, Muslim ibn Hajjaj, Süleýman ibn Aşgas (ol Abu Dawut ady bilen meşhurdyr), ibn Mäje, Ybraýym ibn Ishak Harbiý, awtoryň öz ogly Abu Bekr we Abu Bekr ibn Aly ibn Sagyt Merweziý ýaly belent mertebeli alymlardyr.

## Zuhaýr ibn Harp barada alymlaryň aýdan sözleri.

Kitabyň awtory barada Ymam Zehebi şeýle diýipdir: „Beýik hafyz Bagdadyň hadys alymy Abu Haýsama Zuhaýr Ibn Harp Nesaýy (Nusaýly), Huşeýmden, Ibn Uýeýneden, Jerirden, ibn Idrisden ylym öwrenýär. Abu Haýsamadan ogly Abu Bekr,Ymam Buhary, Muslim, Abu Dawut, Abu Ýagla Mowsulyý, Bagawy ýalylar tälim alýarlar. Ol 74-ýaşynda 234-nji ýylda(849-nji milady ýyly ) dünýäden ötýär”. Ymam Zehebi awtor barada şeýle maglumaty özüniň „Beýik alymlaryň antologiýasy” atly kitabynda-da ýatlar.

Haýruddin Zerkalyý „Aglam” diýen kitabynda şeýle diýýär: „Zuhaýr ibn Harp ibn Şeddat öz döwrüniň hadys alymy asly Nusaýdan bolup, ol „Bagdatly” ady bilen meşhur bolýar, soňra Haýruddin Hatyp Bagdadydan şeýle sözleri getirýär: „Zuhaýriň atasynyň ady „Aştal” bolan, ýöne ony araplaşdyryp „Şeddat” diýlipdir. Onuň „Ylym” atly kitaby bardyr (ýagny biziň şu kitabymyz).

Ibn Sagyt şeýle ýazypdyr: „Zuheýr ibn Harpdan Kufaly, Basraly, Hyjazly alymlar hadys öwrenipdirler, ol „Musnet” we başga kitaplar ýazypdyr. Abu Haýsama 234-nji ýylyň Meret aýynda (ýagny 849 - njy ýylyň mart aýynda ) dünýäden ötipdir.

Şeýh Abdulmuhsyn ibn Abbat özüniň „Zuhaýr ibn Harp beýik hadys alymy” atly kitabynda hem biziň ýokarda ýatlan maglumatlarymyzyň köpüsini ýatlandan soň şeýle goşmaça maglumat berýär: „Ymam Abu Haýsama 234-nji ýylda dünýäden ötýär, şuny ymam Buhary özüniň „Taryh al-Kebir” „Uly taryh” atly kitabynda, ibn Kaýsyrany, Zehebi „Tezkira” atly kitabynda şeýle ýatlaýarlar, hafyz ibn Hajar özüniň „Takryp at-tehzib” ibn Kesir özüniň taryhynda belläp geçýärler. Soňra Şeýh Abdulmuhsyn sözüni dowam edip şeýle diýýär: „Hatyp Bagdadyý Abu Haýsamynyň ogly Abu Bekrden şu sözleri ýatlaýarlar: „Meniň kakam Zuhaýr ibn Harp 160-njy ýylda doglup 234-nji ýylyň Meret aýynyň ýedisine penşenbe güni (ýagny 849 - njy ýylyň mart aýyň 7- ne ) Japar Mutawekkiliň halyfatlyk edýän döwründe dünýäden ötýär”. Abu Haýsamanyň 74 ýaşynda dünýäden ötenligi oglundan başga ibn Kaýsaryny, Zehebi we ibn Hajar ýaly alymlar belläp geçýärler”.

**Alymyň maşgalasy barada gysgaça maglumat.**

Alymyň maşgalasy barada çeşmelerde gaty az maglumat berilipdir „Damaskyň taryhy” atly kitapda awtory ibn Asakir şeýle diýipdir: „Abu Haýsamynyň öz ogly Abu Bekr we doganynyň ogly Abu Japar alym bolanlar”.Abu Bekr Maryly alym Ahmet ibn Hanbal ýaly beýik alymlardan tälim alypdyr. Abu Ýagla özüniň „Tabakat Hanabila” atly kitabynda Abu Bekriň hadys ylymyndan, edebiýatdan, taryhdan başy çykanlygyny ýatlaýar. Onuň „Taryh” atly kiitabynyň bolanlygyny hem bellenilip geçilýär.

Abu Haýsamanyň doganynyň ogly Abu Japar Maryly alym Abdylla ibn Mübärekden tälim alandygyny ibn Asakir ýatlap geçýär. „Şezerat-Zeheb”” Altyn Uçgunlar” atly kitapda Abu Haýsamanyň agtygy hem ylymly bolanlygy ýatlanylýar.

1 Abdylla[1] aýdan: „Alym ýa-da ylym talyby bolup ýola düş, başga kişi bolup ýola düşme”.

2 Awun ibn Abdylla şeýle diýipdir: „Men Omar ibn Abdylezize: „Il arasynda, başarsaň alym bol, başarmasaň ylym talyby bol, eger ylym talyby bolup başarmasaň olary söýmegi başar, eger ony hem başarmasaň olary ýigrenýänlerden bolma diýilýär diýenimde ol: Subhanalla, bolsa-da çykalga goýupdyr” diýýär”.

[1] Ibn Mesgut.

3 Abdylla şeýle diýipdir : „Alla kime haýyr bermek islese ony dinde ylymly (fakyh) eder”.

4 Abdylla( Alla ondan razy bolsun) şeýle diýipdir: „Eý adamlar, ylym öwreniň, kim ylym öwrense öwrenen ylmyna amal etsin”.

5 Zir ibn Hubeýş aýdýar: „Men Safwan ibn Assalyň ýanyna gelenimde ol: „Näme üçin geldiň” diýdi Men: „Ylym öwrenmek isleýärin” diýdim ol: „Hakykatdanda perişdeler ylym öwrenmek isleýän talybyň talap edýän zadyndan razy bolup öz ganatlaryny talybyň üstünden gerýändirler” diýýdi.

6 Ibn Abbas (Alla ondan razy bolsun) aýdan: „Adamlara ýagşylyk öwredýäne ähli jandarlar hat-da deňizdäki balyklar hem ýalkaw dileýändirler”.

7 Mesih ibn Merýem şeýle diýipdir: „Kim ylym öwrenip oňa amal etse, asmanlarda oňa „beýik adam” diýip at goýlar”.

8 Abdylla( Alla ondan razy bolsun) aýdan: „Ylym öwreniň, çünki hiç-kim ertirki günüň nähili geljegini (haýsyny ylyma mätäç boljagyny) bilýän däldir”.

9 Omar (Alla ondan razy bolsun) aýdan: „Ýolbaşçy bolmazyňyzdan öň ylym öwreniň”.

10 Abdylla (Alla ondan razy bolsun) aýdan: „Alladan ant içýärin,: her bir soraga petwa berýän adam mejnundyr. Agmaş[2] aýdan: Hakam maňa: „Eger men senden şu hadysy öň eşiden bolsadym, onda köp petwa bermezdim” diýýär.

11 Abdyrahman ibn Bişir Azrak aýdýan: „Iki adam „Kinde” diýen ýeriň derwezesinden girenlerinde, Abu Mesgut ansary öz okuwçylary bilen otyrdy ol ikisiniň biri „Biziň aramyzdaky dawany çözüp beräýseňiz” diýenlerinde, oturanlaryň biri: „Men çözüp bereýin” diýýär, şonda Abu Mesgut bir gysym daş alyp oňa zyňýar we: „Petwa bermeklige howlukmaklyk hiç halanylýan iş däldir diýýär.

12 Selman (Alla ondan razy bolsun) şeýle diýipdir: „Öwredilmeýän ylym harçlanmaýan hazyna ýalydyr”.

13 Mutarryf ibn Abdylla ibn Şyhhyr aýdan: „Artykmaç ylym, artykmaç edilen ybadatdan ýagşydyr, diniňiziň ýagşysy takwalykdyr”.

---

[2] Agmaş-Süleýman ibn Mihron

14 Huzeýfe (Alla ondan razy bolsun) şeýle diýipdir: „Alladan gorkmaklyk ýeterlik ylymdyr, Estagfyralla toba etdim diýip, günä işlere gaýdyp barmaklyk ýeterlik ýalançylykdyr”.

15 Mesruk aýdan: „Alladan gorkmak ýeterlik ylymdyr, bolan ylymyňa guwanmak ýeterlik nadanlykdyr”.

16 Abdylla ibn Mesgudyň Abu Halyp atly okuwçysy şeýle diýýär: „Biz bir gün metjitde otyran wagtymyz Habbab bin Erat gelip sesini çykarman dymyp oturýar, şonda adamlar oňa: Ýaranlaryň daşyňa üýşdiler, olara bir zat gürrüň ber ýa-da bir zady emr et diýenlerinde ol: „Näme emr edeýin, belki özümiň amal etmeýän zadymy emr ederin diýýär”.

17 Ibn Abbas (Alla ondan razy bolsun) şeýle diýýär: „Bir adam ylym ýoluna düşse, Alla onuň jennete barýan ýolyny ýeňilleşdirer”.

18 Magn ibn Abdyrahman aýdan: „Sen gürrüň berip başarýan bolsaň gürrüň ber”.

19 Ýahýa ibn Jagda şeýle diýipdir: „Adamlar, Selmanyň ýanyna gelip onuň hadyslaryny diňleýärdiler, ol bolsa: „Bu zat siz üçin haýyrdyr, meniň üçin bolsa şerdir diýýär-di”.

20 Hasan[3] aýdan: „Bir adam mejlisde (gürlemän) otursa oňa syrkaw gözi bilen garaýardylar, hakykatda bolsa ol syrkaw däl-de, hakyky musulman alym adam-dyr.

21 Abdyrahman ibn Abu Leýla aýdan: „Men Resulallanyň ansari sahabalaryndan 120 sanysyny gördüm, olaryň birinden bir zat soralsa, ýoldaşynyň şol soraga jogap bermegini isleýärdiler. Eger olar bir hadys gürrüň berseler hem şol hadysy ýoldaşynyň gürrüň bermegini isleýärdiler.

22 Zuhriý şeýle diýipdir: „Urwa ibn Zubeýr adamlary öz bilýän hadyslaryna ýuwaş-ýuwaşdan öwredýärdi, haçanda Urwa Mekgä gelende: „Geliň menden ylym öwreniň” diýýärdi”.

23 Abdyrahman ibn Ýezid şeýle aýdan: „Bir adam Alkama: „Sen mesjide oturyp adamlara ylym öwretseň bolmaýarmy, biz hem seniň bilen oturardyk, çünki sençe ýok adamlardan zat soralýar” diýende ol: „Bu Alkamadyr, bu Alkamadyr diýlip yzyma düşmekligi halamaýaryn” diýipdir.

[3] Hasan ýagny Basri.

24 Abu Hureýre (Alla ondan razy bolsun) Resulallanyň şeýle diýenini rowaýat edýär: „Kim ylym ýoluna düşse Allaň onuň jennete barýan ýoluny ýeňilleşdirer. Kimiň amaly ýaramaz bolsa onuň neberesiniň nepi degmez.

25 Ýahýa ibn Jagda şeýle diýipdir: „Omar Resulallanyň hadyslaryny ýazmaklygy isläpdir soňra ol: „Kimde Resulallanyň sünnetinden bir zat ýazan bolsa, goý ol ony pozsyn" diýýär.

26 Tawus ibn Keýsan aýdýar: „Bir adam ibn Abbasa bir meseläniň jogabyny sorap hat ýazypdyr bolsa, ibn Abbas haty getiren adama : „Sen şu haty ýoldana onuň jogaby şeýle diýip dilden aýt, çünki biz kagyza Kurandan başga zat ýazmaýarys „diýipdir".

27 Şagby aýdýar: „ Garany aga çyrşan däldirin (Kagyzyň ýüzüne hat ýazan däldirin), bir adamdan hadys eşitsem onňu gaýtalap aýdany hökman däldir (ýagny ýatkeşligi diýseň güýçli bolupdyr).

28 Mujahid ibn Jebir Alla tagalanyň: „Bizi takwa bendelere ymam et diýip aýdan aýaty barada şeýle diýen: „Olary ymam et, biz bolsa olaryň yzyndan ýöräli bizden soňky gelenler hem bize eýersinler".

29 Mujahyt aýdan: Alla aýdan: „Nirede bolsam hem meni mübärek et" (Meryem-31 ) ýagny ýagşylyga öwredýän adam et.

30 Mugyra şeýle diýipdir : „Sagyt ibn Jübeýrden: „Özüňden ylymly adamy bilýärsiňmi"? diýip soranlarynda ol: „Hawa Ikrima menden ylymly diýýär, haçan Sagyt ibn Jübeýr öldürlende Ybraýym: „ Sagyt özüňden soň özi ýaly ylymly hiç kimi goýup gitmedi diýipdir.

31 Şagby aýdýar: „Ýer ýüzünde Masruk ýaly ylym talap edýän adamy görmedim".

32 Jerir ibn Haýýan şeýle diýipdir: „Kim şu dünýäde musulman doganynyň aýbyny gizlese, kyýamat gününde Allatagala hem onuň aýbyny gizlär" diýlip aýdylýan hadys üçin bir adam Medineden Müsüre sapara çykypdyr. Şol hadysy eşideninden soň bolsa, düşlemän derrew yzyna gaýdypdyr".

33 Mugyranyň kätibi Warrad aýdan: „Mugyra maňa ylym öwretdi. Men bolsa öwrenen ylymymy elim bilen ýazdym" (ýagny kitaplaşdyrdym).

34 Agmaş aýdýar: „Ybraýym bir meseläni ýa-da hadysy ýatlaýar-da: Şuny ýat tut belki bir gün senden sorarlar” diýýär.

35 Ybraýym aýdan: „Adamyň özünde bar bolan zadyny görkezmegi halanylýan däldir” (ýagny ylymly diýdirjek bolmaly däldir).

36 Agmaş aýdan: „Men Ybraýymyň pes pälliligi sebäpli öz pikirini aýdanyny hiç eşitmedim”.

37 Leýs aýdan: „Eger Abu Aliýanyň ýanynda dört adam otursa, ol turup gider eken”.

38 Makhul aýdýar: „Men Amr bin Sagyt Asybyň guludym, ol meni Müsürli Huzeýl tiresinden bir adama sowgat berdi. Müsürde bar bolan ylymy özümde jemlänçäm Müsürden çykmadym. Soňra Medinä geldim we Medinede bar bolan ylymy öwrenendirin diýýänçäm Medineden çykmadym, soňra men Şagba duşdum, Alla ony rehim etsin, onuň ýaly adamy hiç görmedim”.

39 Mekhul şeýle diýipdir: „Men bir aý Şureýhiň ýanyna gatnadym we ondan hiç zat soramadym, sebäbi onuň aýdýan petwalary ýeterlikdi”.

40 Mekhul aýdýar: „Adamlar Muawyýanyň çatmasynyň ýanynda agşamara üýşmekligi wadalaşdylar. Adamlar jemlenenlerinden soň şol ýerde Abu Hureýre tä daň atýança hadys gürrüň bererdi”.

41 Mekhul şeýle diýipdir : „Eger adamlar bilen oturşyp-turuşmakda haýyr bolmasa, onda olardan daşlaşanyň ýagşydyr”.

42 Abdylla ibn Amr (Alla ondan razy bolsun) Pygamber aleýhisalamyň şeýle diýenini rowaýat edýär : „Meniň pygamberligim barada bir aýaty bolsada ýetiriň. Eger kynçylyk (pitne) dörejek bolmasa Ysraýyl ogullary barada gürrüň bermegiň, zyýany ýokdyr. Kim maňa bilgeşleýin ýalan söz ýöňkese, goý ol jähennemdäki ýerine taýynlany bersin”.

43 Ybraýym şeýle diýipdir : „Abdylla ibn Mesgut şeýle mylaýym akylly adamdy”.

44 Mesruk aýdan: Abdylla aýdan: „Eger ibn Abbas biziň ýaşymyza ýetse ylymda onuň derejesine hiçi-birimiz ýetip bilmeris.Abdylla şeýle diýdi : „Ibn Abbas Kurany-Kerimiň ökde tefsirçisidir”.

45 Abdylla Alla ondan razy bolsun aýdan: „Bilmeýän zadyňa „Alla bilýändir” diýmeklik hem ylymdyr”.

46 Mesruk şeýle diýipdir: „Muhammet aleýhisalamyň sahabalaryndan soralan zatlaryň ählisiniň jogaby Kuranda bardyr, ýöne biziň ylmymyz kem bolany (ýeterlik bolmanlygy) üçin soraglarynyň jogaplaryny bilmeýäris”.

47 Abu Derda (Alla ondan razy bolsun) aýdýar: „Ýagşylyk öwredýän bilen ýagşylyk öwrenýäniň sogaby deňdir, olardan başga adamda haýyr ýokdur”.

48 Ibn Lebid (Alla ondan razy bolsun) aýdýar: „Resulallanyň ýanynda bir zat ýatlanylýar şonda Pygamber aleýhisalam: „Şu döwür ylymyň göteriljek döwridir diýipdir. Lebid şeýle diýipdir: „Ýa, Resulalla ylym nädip ýitip gitsin? Biz Kuran okaýarys, we çagalarymyza okadýarys olar hem öz çagalaryna okadýarlar diýende : ol „Näme Ýehudi, nasaralaryň ellerinde Töwrat we Injil bolanda-da peýda bermeýänini göreňokmy” diýýär.

49 Ibn (Abbas Alla ondan razy bolsun) okuwçylaryndan: „Ylym nähili ýitip gidýänini bilýärsiňizmi? diýip soranda, olar: „Ýok, bilemzok diýdiler, şonda ibn Abbas şeýle diýdi : „Alymlaryň gitmegidir” (ýagny ölmegidir).

50 Abdylla (Alla ondan razy bolsun) şeýle diýipdir : „Dünýeden ötenlere eýeriň, bidgat işlerini döretmäň, çünki her bidgat zalalatdyr” (ýagny azgynlykdyr, gümralykdyr) .

51 Kabus aýdýar: „Men kakama: „Sen Muhammet aleýhisalamyň sahabalaryny taşlap Alkamadan[4] ylym öwrenýärsiň-mi” diýenimde ol: „Eý oglum Muhammet aleýhisalamyň sahabalary ondan mesele çözgüdini soraýarlar diýýär”.

52 Abu Buhtyry şeýle diýipdir : „Maňa bir ýaşuly şeýle gürrüň berdi: „Men Selmana ýolda ýoldaşlyk etdim, öz ýanymdan oňa ýardam bermegi, ylym öwrenmegi we hyzmatynda bolmagy isledim, men näme etsem Selman hem şol işi deň durup edýärdi. Soňra biz Dijle derýasyna baryp ýetdik we atymyzy suwa ýakaly diýişdik, atymyzy suwa ýakanymyzdan soň suw içesim geldi, suw içip başymy galdyranymda Selman: „Eý dogan bar gitde ýene suw iç” diýdi. Meniň suw içesim gelenokdy ýöne oňa garşy gitmegi uslyp bilmedim we baryp täzeden suw içdim. Ol : „Şol içen suwuň

[4] Alkama ibn Wakkas Leýsi ol Omar ibn Hattap ýaly sahabalardan tälim alan alymdyr.

derýadan näçeräk kemeldendir?” diýdi. Men : „Hiç zat kemelden däldir” diýdim. Şonda ol: „Ylym hem şunuň ýalydyr, näçe alsaň-da hiç zat kemelmez, ýöne özüňe peýdasy degjek ylymy talap et” diýdi.

53 Abdylla (Alla ondan razy bolsun) şeýle diýipdir: „Eger Omar ibn Hattaby tereziniň bir çanagyna goýsalar, we ýer ýüzündäki ähli ylmy tereziniň beýleki çanagyna goýsalar Omaryň tarapy agyr geler”.

54 Abdylla (Alla ondan razy bolsun) aýdan: „Omar ylmyň ondan dokuz bölegini özi bilen alyp gidendir”.

55 Mujahyt diýen alym Allanyň: „Siz Alla boýun boluň, Resula hem boýun boluň we ýolbaşçylaryňyza” diýen aýatynda „ýagny alymlar” boýun boluň diýip tefsir edýär”.- diýipdir

56 Agmaş aýdýar: „Men bir hadys eşitsem Ybraýyma aýdyp bererdim, ol bolsa şol hadysy aýdardy ýa-da hadysy aýdyp üstüne goşmaça peýda goşardy”.

57. Hasan şeýle diýipdir : „Biz bilýän ylmymyzy kitapdan gaýtalap durýarys”.

58 Mesruk şeýle diýipdir: „Biz Abdylla bilen otyrdyk, ol bolsa ýassanyp ýatyrdy, şonda bir adam gelip: „Eý Abu Abdyrahman Kinda diýen derwezäniň ýanynda biri tüsse kapyrlary demikdirer, musulmanlary bolsa dümew degen ýaly eder diýdi” diýýär. Şonda Abdylla gazaply dikelip oturýar-da: „Eý adamlar Alladan gorkuň kim bir zat bilýän bolsa bilýänini aýtsyn, bilmeýän bolsa goý ol „Alla bilýändir” diýsin, diýýär”.

59 Rabyg ibn Enes aýdýar: Köne kitaplarda şeýle aýdylypdyr: „Eý adam perzendi mugt öwredilşi ýaly mugut öwret”.

60 Mujahid aýdan: „Alymlar gitseler gepçiler galarlar siziň alymyňyz, öňküleriň oýun oýnaýan adamsy ýalydyr”.

61 Bilal ibn Sagd aýdýar: „Siziň alymyňyz nadandyr terki dünýä adamyňyz hantamadyr, ybadat honyňyz nogsanlydyr”.

62 Alkama şeýle diýipdir: „Hadysy gaýtalap ýatlap duruň, çünki ony gaýtalamak direltmekdir”.

63 Abdyrahman ibn Abu Leýla şeýle diýipdir: „Hadys gaýtalanmak bilen direldilýändir, şonuň üçin ony gaýtalap duruň”, Abdylla ibn Şeddad aýdýar: „Alla seni rehim etsin meniň gursagymda ölen hadyslaryň näçesini direltdiň”.

64 Ysmaýyl ibn Raja şeýle diýipdir: „Biz çagalary üýşirip olara hadys gürrüň bererdik”.

65 Huzeýfa (Alla ondan razy bolsun) aýdýar: „Meniň ýoldaşlarym haýry öwrenýärdiler men bolsam şeri öwrenýärdim” diýende biri oňa: „Näme üçin beýle etdiň diýýär, şonda ol kim şeri bilse ondan ägä bolar” diýýär.

66 Haçanda Zeýt ibn Säbitden bir zat sorasalar ol: „Şu soraýan zadyňyz hakykatdan-da hem boldumy” diýer-di eger „hawa” diýilse ol jogap bererdi eger „ýok” diýilse hiç zat gürlemezdi.

67 Masruk aýdýar: Men Ubeý ibn Kagbdan bir zat soradym. Ol: „Şu zat hakykatdan-da boldymy” diýdi. Men: „Ýok” diýdim. Şonda ol: howlukma eger şol iş bolanda jogap bereris” diýdi.

68 Sähel ibn Sagt şeýle diýipdir: „Resulalla köp sorag soramagy halamaýardy, ony ýazgarýardy”.

69 Zebiýt şeýle diýipdir: „Men Ybraýymdan her gezek sorag soranymda onuň halamaýanyny aňýardym”.

70 Ata aýdýar: „Biz Jäbir ibn Abdyllanyň ýanynda otyrkak bize hadys gürrüň bererdi. Biz onuň ýanyndan çykanymyzda şol hadyslary biri-birimize aýdardyk biziň aramyzda ýatkeşimiz Abu Zubeýrdi” .

71 Kabus ibn Abu Zubeýýan şeýle diýipdir: „Bir gün biz Abu Zubeýanyň yzynda durup namaz okadyk. Biziň hemmämiz bir etrapdandyk, diňe azançy başga ýerdendi, ol goja, namazdan soň salam berende garry azançy : „Sen kim diýip sorady, sorap bolandan soň ol: „Hemme pygamberler ýaş bolandyrlar ýaşlykda ylym talap etmeklik ýaly gowy zat ýokdyr” diýdi.

72 Ata ibn Ýesar şeýle diýipdir : „Ylymy sypaýylygyň bezeýşi ýaly hiç bir zat bezeýän däldir”.

73 Abu Salyh adýar: „Ebu Hureýre bilen oturuşmak üçin egnim ýalaňaç bolmaz ýaly iki sany ak köýnekden başga hiç baýlygy arzuw etmeýärdim”.

74 Muaz (Alla ondan razy bolsun) şeýle diýipdir: „Kyýamat gününde bendeden dört zat ýagny: ömrüni nämede geçirdi, jesedini nämede ulandy, malyny nireden gazandy, we öwrenen ylmyna amal edenligi barada soralýança aýagy gymyldamaz”.

75 Urwa aýdan: „Aýdylmagyna görä alyma biparh garaýan adam onuň maşgalasydyr”.

76 Agmaş aýdan: „Mujahyt maňa eger ýöräp bilýän bolsam men seniň ýanyňa gelerdim” diýýär.

77 Şagbyý şeýle diýipdir: „Resulalla aleýhisalamyň alty sahabalaryndan ylym alynýardy: „Omar, Abdylla, we Zeýd olaryň ylymlary biri-birinkä meňzeşdi” biri-birinden öwrenýärdiler, Aly, Ubeý we Abi Musa Aşgaryý olaryň ylymlary biri-birinkä meňzeşdi, olar biri-birlerinden öwrenýärdiler men: „Abu Musa hem olar bilenmi diýdim: „Ol Abu Musa alymlaryň biridir” diýdi.

78 Abu Nadyr şeýle diýipdir: „Biz Abu Sagyda, sen bize geň hadyslary gürrüň berýärsiň emma biz bu hadyslary artdyryp-kemeltmekden gorkýarys, ýazaýsak gowy bolardy” diýenimizde ol: „Men hadys ýazdyrmaryn, ony kitaplaşdyrmaryn, siz biziň ýat tutuşymyz ýaly ýat tutuň diýipdir”.

79 Abu Hureýre (Alla ondan razy bolsun) aýdan: „Siz Abu Hureýra Resulalladan köp hadys rowaýat etdi diýýärsiňiz. Men bir garyp adamdym, muhajirleri söwda bilen meşgullanýardylar, Ansarlar bolsa mülklerine gözegçilik edýärdiler Resulalla şeýle diýipdir: „Kim men hadys aýdýan wagtymda geýmini ýazsa ol menden eşiden zadyny asla ýadyndan çykarmaz” Şonda men eşigimi (donymy) ýazdym, Pygamber aleýhisalam sözüni tamamlandan soň, men donumy jemläp kükregime basdym, şondan soň men eşiden zadymy hiç unutmadym”.

80 Abu Aliýe şeýle diýipdir: „Adamlaryň diňlemäge höwesleri barka olara hadys aýtgyn”.

81 Abdylla (Alla ondan razy bolsun): „Adamlary (ylymdan) irizmäň” diýipdir.

82 Jabir ibn Samura (Alla ondan razy bolsun) şeýle diýipdir: „Eger biziň birimiz Resulallanyň mejlisine gelsek onda tapan ýerinde oturardy”.

83 Amr ibn Şugaýp (Alla ondan razy bolsun) şeýle diýipdir: „Resulalla bir ýerik gelende adamlary döweläp üstünden geçmegi halamazdy, emma çep tarapda ýa-da sagda tarapda oturardy” (ýagny işikde oturmazdy).

84 Ata ibn Saip aýdan: „Abu Abdyrahman ýöräp barýarka ylym soramagy halamazdy”.

85 Wehb ibn Munabbyh şeýle diýipdir: „Ylym adamy, malyň azdyryşy ýaly azdyrýandyr”.

86 Wäil aýdan: „Eger biriňiz hadysy manysyna görä gürrüň berseňiz ýeterlikdir”.

87 Rabyga ibn Ýezit şeýle diýipdir: „Abu Derda hadys gürrüň berenden soň: „Eý Alla ýalňyşmaýan bolsam şeýle ýaly” diýerdi”.

88 Zuhriý aýdan: „Eger hadysy manysyna görä aýtsaň aýby ýokdur”.

89 Ata şeýle diýipdir: „Adamlar Abu Hureýrada ylym soraýardylar, ol şonda: „Eger Kuranda ylym öwretmek bilen baglanyşykly bir aýat bolmadyk bolsa, men hiç zat aýtmazdym, çünki Allatagala şeýle diýýär: „Biziň indiren beýanymyzy we dogry ýolumyzy adamlara kitapda beýan edenimizden soň gizleýänleri Alla lagnatlar we olary lagnat aýdýanlar hem lagnatlaýandyr”.

90 Fuzeýl şeýle diýipdir: „Käwagtlar men, ibn Şubruma, Harys Akyý, Mugyra, Kagkag ibn Ýezit bilen gijelerne oturyp ylym ýatlaşardyk, diňe ertir namazyna aýdylýan azany eşidenmizden soň ýerimizden turardyk”.

91 Abdylla (Alla ondan razy bolsun) aýdan: „Siziň döwrüňizde alym köp, gürleýän (akyl satýan ) az, ýöne soň şeýle bir döwür geler alymy az bolup gürleýän köp bolar”.

92 Mujahyt aýdýar: „Ylym okamak üçin gijäni oýa geçirmek lazymdyr”.

93 Abu Ýezit şeýle diýipdir: „Haçanda Abyýdanyň ölmi golaýlanda ol kitaplaryny getirdip, (sowatsyz adamyň eline düşmeginden gorkup) öçürdüdir”.

94 Abdylla (Alla ondan razy bolsun) şeýle diýipdir: „Bizden ylym eşidip eşidişi ýaly rowaýat eden bendäni Alla rehim etsin”.

95 Abu Derda (Alla ondan razy bolsun) aýdan: „Ylym, ony talap etmek bilen gelýändir, sypaýylyk sypaýy bolmak bilen gelýändir, kim haýyr gözlese tapar, şerden ägä bolan goragda bolar”.

96 Abdylla (Alla ondan razy bolsun) şeýle diýipdir: „Hiçiňiz eneden alym bolup dogylaňzok, ylym, ony talap etmek bilen emele gelýändir”.

97 Abdylla (Alla ondan razy bolsun) şeýle diýipdir: „Alym bol, ylym talyby bol, ylmy diňleýji bol, ýöne dördünjisi bolma heläk bolarsyň”.

98 Abu Hureýre (Alla ondan razy bolsun) aýdan: „Ylym göterler nadanlyk artar, ölüm köpeler”.

99 Hasan aýdan: „Ylmyň gowusy takwalyk we pikir etmekdir”.

100 Sumama ibn Abdylla şeýle diýipdir: Enes öz perzentlerine: „Eý ogullarym ylymy ýazmak bilen baglaň” diýerdi.

101 Abdylla ibn Amr (Alla ondan razy bolsun) aýdan: „Resulalla aleýhisalamyň şeýle aýdanyny rowaýat edýär: „Alla ylymy adamlardan sogrup, alýan däldir, emma welin ylmy alymlary almak bilen alýandyr, alym galmadyk halynda adamlar nadanlary ýolbaşçy tutunarlar, olara sorag soralanda ylymsyz pitwa berip dogry ýoldan azaşarlar we başgalary hem azaşdyrarlar”.

102 Haýsam aýdýar: „Asyş ibn Zaşra adamlaryň Sagyt bin Jubeýriň yzyna düşýänlerini görende olary yzyna gaýtaryp: „Bu edýän işiňiz yzyna düşýän adamy masgaralamakdyr, yzyna düşülýän üçin pitnedir diýipdir”.

103 Abu Hureýre (Alla ondan razy bolsun) şeýle diýipdir: „Alla we onuň perişdeleri Abu Hureýre we onuň bilen oturýanlara salawat aýdýandyrlar”.

104 Hezreti Omar (Alla ondan razy bolsun) şeýle diýipdir: „Amala aşmasy mümkin zat barada sorag soramak bize halal däldir. Çünki Allatagala boljak zadyň ählisini (ýagny amala aşjak zady) beýan edendir”.

106 Wehbşeýle diýipdir: „Ýalta adamlar hikmetli, zynakärler jennet eýeleri bolýan däldirler”.

107 Abu Abdyrahman aýdan: Hezreti Aly (Alla ondan razy bolsun) kyssa aýdyp oturan bir adamyň deňinden geçip barýarka: „Nasih we mensuhy (ýagny hökümi ýatyrlan we hökümi ýatyrýan) delilleri bilýäňmi” diýip soranda ol: „Ýok” diýýär şonda Hezreti Aly: „Özüň heläk bolduň, başgalary hem heläk etdiň” diýipdir.

108 Abdylla Alla ondan razy bolsun şeýle diýipdir: „Adam ylmyny günä iş edýänligi sebäpli ýadyndan çykarýandyr”.

109 Ibn Abbas Alla ondan razy bolsun aýdýar: „Resulallanyň ylmynyň köp bölegini  Medineli ansar halkynyň şu ilinden tapdym, men ylym talap edýärkäm olaryň gapysynda ýassanyp ýatardym. Öýe girmek üçin rugsat soran bolsam girmäge rugsat bererdiler, ýöne men olary birahat etmegi islemeýärdim”.

110 Ibn Auwyn aýdýar: „Kasym bin Muhammed, Ibn Sirin we Raja ibn Haýwa hadysy bolşy ýaly (ýagny Pygamber aleýhi salamyň aýdyşy ýaly) aýdýardylar. Hasan, Ybraýym, we Şugba bolsa hadysy manysyna görä aýdýardylar”.

111 Beşir ibn Nehik şeýle diýipdir: „Men Abu Hureýreden hadys ýazardym. Haçanda sapara çykmakçy bolanymda onuň ýanyna kitaplarym bilen gelip: „Şu hadyslary men senden eşitdim diýenimde Ol: „Bolýar” diýip sözümi makullady”.

112 Resulalla  aleýhysalam şeýle aýdan: „Kişiniň ylym öwrenip-öwretmesi sadakadyr”.

113 Kasym ibn Muhammet şeýle diýipdir: „Siz bizden bilmeýän zatlarmyzy soraýarsyňyz, Alladan ant içip aýdýaryn: „Soraýan zatlaryňyzy bilen bolsak gizlemezdik, gizlemek hem halal däl-dir”.

114 Abu Kesir şeýle aýdan: Abu Hureýre aýdan: „Abu Hureýre ylymy gizlemeýär we ony ýazmaýar”(ýagny ýatlaýar).

115 Ibn Abbas (Alla ondan razy bolsun) aýdýar Resulalla aleýhisalam şeýle aýdan: Iki synply adam doýýan däldir: „Ylmy we dünýäni talap edýän”.

116 Abu Hureýre (Alla ondan razy bolsun) şeýle diýipdir: „Kim peýda berjek ylmy gizlese ol kyýamat güni otly jylaw bilen jylawlanlar”.

117 Hezreti Aly (Alla ondan razy bolsun) şeýle aýdan: „Hakyky alym, adamlary Allanyň rehmedinden umydyny üzdürmeýär, günä işlerinde ýeňillik goýbermeýär, başga zat üçin Kurany taşlamaýar. Ylymsyz ybadatda haýyr ýokdur, düşüniksiz ylymda haýyr ýokdur, oýlanman (manysyna düşünülmän) okalan Kuranda haýyr ýokdur”.

118 Ibn Omar (Alla ondan razy bolsun) şeýle aýdan: „Eý, adamlar bolmajak zat barada soramaň (gürrüň etmäň) çünki Omar bolmajak (amala aşmasy mümkin däl) zat barada soraýan adamlary lagnatlandyr”.

119 Habyp ibn Abu Säbit şeýle diýipdir: „Adam hadys aýdýarka diňe bir adama däl-de ähli kişä seredip aýtmagy sünnetdir”.

120 Abu Kiýran şeýle aýdýar: „Şugba: „Eger bir zat eşitseň bolmanda haýata ýaz, ýöne welin ýazgyn” diýipdir.

121 Abdylla ibn Hanş şeýle diýipdir: „Bara ibn Azybyň ýanynda (talyplar öwrenýän zatlaryny) elleriniň aýalaryna ýazýardylar”.

122 Ibn Abbas (Alla ondan razy bolsun) şeýle aýdýan: „Ylmy ýazmak bilen berkidiň. Siziň haýsyňyz bir dirheme menden ylym satyn aljak?”.

123 Hezreti Aly (Alla ondan razy bolsun) şeýle aýdan: „Kim menden bir dirheme, ylym satyn alarka?” Abu Haýsama bu sözi düşündirip şeýle aýdan: „Ýagny ylym öwrenmek üçin bir dirheme, ýazmak üçin syýa we kagyz satyn alsyn” diýdigidir.

124 Abdylla (Alla ondan razy bolsun) şeýle diýipdir: „Uly ýaşly adamlarda ylym barka size haýyrdasyňyz, haçanda ylym ýaşlara geçse, uly ýaşly adam ondan ylym talap edesi gelmez”.

125 Alkama şeýle diýipdir: „Men ýaşlykda öwrenen, ylymymy edil kagyzdan okan ýaly ýatdan aýdyp bilerin”.

126 Abdylla ibn Ubeýt şeýle aýdýan: „Ylym möminiň ýitigidir, ol birini tapsa başgasynyň gözlegine çykar”.

127 Ybraýym aýdýar: „Çyn alymlar ylym ýatlaşýardylar dargaşanlarynda biri-birinden doga etmegi talap etmeýärdiler”.

128 Abu Hureýre (Alla ondan razy bolsun) şeýle diýipdir: „Ylym öwrenip adamlara öwretmeýän adamyň mysaly, maly-mülki bolup harçlamaýan adamyň mysalydyr”.

129 Alkama şeýle diýipdir: „Hadys öwreniň ýitip gitmesin”.

130 Enes (Alla ondan razy bolsun) Resulalla aleýhisalamyň şeýlediýenini aýdypdyr: „Eý, Allahym men senden peýda bermeýän ylymdan, kabul bolmaýan amaldan, gorkmaýan kalpdan we kabul bolmaýan dogadan pena sorap özüňe sygynýaryn”.